# Geografiki kartalarda şertli belgiler we kartografik şekillendiriş usullary.

# 1. Fiziki kartalarda beýiklikler we çuňluklar nähili alamatlar bilen aňladylýar?

**Jogaby:**

**Reňkler boýunça aňladylýar.**

# 2. Fiziki kartada daglaryň beýikligi, okeanlaryň, deňizleriň çuňluklary nähili belgi bilen aňladylýar?

## Jogaby:

Has beýik daglar goýy goňur reňk bilen, has çuň ýerler goýy gök reňk bilen aňladylýar.

# 3. Izobatlar näme?

**Jogaby:**

Birmeňzeş absolýut çuňlukdaky suwasty relýef arasy üzülmeýän çyzyklar bilen bellenýär.

# 4. Izobat haýsy sözden gelen we näme diýmekligi aňladýar?

## Jogaby:

Grek sözünden ,,izos” ,,deň”, ,,batos” ,,çuňluk” diýmekligi aňladýar.

# 5. Izotermalar näme?

## Jogaby:

**Kartalarda birmeňzeş temperaturaly ýerler çyzyklar arkaly aňladylyp, olara izotermalar diýilýär.**

# 6. Orial näme?

## Jogaby:

**Belli bir çäkde ösümlik, haýwan görnüşleriniň ýaşaýan ýeri.**